# Düýş hem ýagyş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Düýş hem ýagyş DÜÝŞ HEM ÝAGYŞ




*(Lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Nyýazmyrat Bekmyradowyň ýadygärligine)*
Öten agşam bir düýş gördüm düýşümde,
Ýogalan deň-duşlam öňümde, diri.
Gürleşip, gülüşip durkak, olardan
“Ýagyş ýagýa” – diýdi, hoşgylaw biri.

Täsirinden çykyp bilmän düýşümiň,
Irden turup seredemde aýnadan,
Hakykata haýran garap oturdym,
Ýagyşly çal bulut gelýär gaýradan.

Ýagyşyň ýagjagyn duýduran, gije,
Şol agladyp giden dostumdy, dagly.
(Düýşe şaýat bolmaz, çynyň ýa ýalan –
bu hem ynsanlygňa, ynsaba bagly).

Nura deňelýändir ýagşyň damjasy.
Meger, gowulyk bu düýşüň ýorgudy.

Başga dünýä giden eziz dostumyň,
Nämedir bir hoşluk buşlap ýördügi.

…Görünse bir ýerde irde ýa giçde,
Gudrat diýlen närse, bolmaly düýşde.

2023 ý. Goşgular